# Dantesiñ ölümi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Dantesiñ ölümi DANTESIÑ ÖLÜMI




Iki ýaşyn artyk ýaşap Puşkiniñ,
Dantes bu gün soñky demin sanaýar.
Ejizläpdir ajal atly hazandan,
Bu pursatlar, bu pursatlar gynaýar.
Hany, körpe gyzy ýok-la ýanynda,
Agla, dök sen gözýaşyñy şaglatda.
Ok çenäni üçin beýik şahyra,
Atasyndan ýüz öwürdi Şarlotta.

Görsene bu şygyr diýilen zady,
Oñ üçinem geçmek bormy atañdan?
Ne sebäpden ogluñ sowuk garaýşy,
Ah, gidilse gowy, beýdip ýatandan.

Dantes indi näçe gündür yñranýar,
Duýanok ol endamynyñ yzasyn.
Iki ýaşyn artyk ýaşap Puşkiniñ,
Çekip ýatyr ynsabynyñ jezasyn.

Allaýar ÇÜRIÝEW.

---

** Dantesiñ gyzy. Ol Puşkiniñ eserlerini rus dilinde okamak üçin ýörite bu dili öwrenýär.* Goşgular